# Arzuwlarymy gözleýärin

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Arzuwlarymy gözleýärin ARZUWLARYMY GÖZLEÝÄRIN

Oýun tamam boldy, ýapyldy perde,
Söýgi sahnasyndan düşürdiň meni.
Gulak sal, eşdilýän galmagallar-da
Täze ýigdiň bilen gutlaýar seni.
Söýgi sahnasyndan düşürdiň meni.

Oýanpdy duýdansyz göwün tarymy,
Nazaryma kaklyşanda nazaryň,
Öňki gaýyp ýören arzuwlarymy,
Çogdamlap, çemen dek bogupdym baryn.
Nazaryma kaklyşanda nazaryň.

Getirdim… Säginmän aldyň sen ony,
Käte oňa, käte maňa garadyň.
Näz etdiň, gözüme bakmadyň göni,
Saçyň ujun barmagyňa oradyň.
Käte oňa, käte maňa garadyň.

Arman, başga ýigdi gördüň-de birden,
Seniň näzik ýüregiňe ot düşdi.
Aljyrap huşuňy uçurdyň serden.
Uçurdyň… Wepaňdan, ähtiňden geçdi.
Seniň näzik ýüregiňe ot düşdi.

Ahyry-da goluňdaky arzuwma
Gazap bilen “nazaryňy aýladyň”,
Ilden-günden gorap saklanmy, ýene
Şemala sowurdyň, ýele paýladyň.
Maňa ajy nazaryňy aýladyň.

….Hawa, tamam boldy, ýapyldy perde,
Söýgi sahnasyndan düşürdiň meni.

Galdyran bolsaň-da gyjalatlarda,
Ýigrenmerin, näletlemen men seni.
Hoş gözel, ugraýan, ýola sal meni.

Hoş gözel, unutjak borun baryny
Eger başarmasam, ýaşaryn gizläp,
Emnşma gaýyp bolan arzuwlarymy
Söz berýän ölünçäm gezerin gözläp,
A gyz, ony senden nädeýin gizläp.

Şonda tötänlikden duşaýsam saňa
Haýyşym, säginmän gidiber ýoly.
Ýok, ýok, tanyşlygam bermegin maňa.
Ýoldaşyň göwnüne zat gelmez ýaly,
Haýyşym, säginmän gidiber ýoly.

Men bolsam yzyňdan galaryn garap,
Zor etsem diýerin: “Bagtly bol, sona”
Soňra tapmajagma aklym çatsa-da,
Ýiten arzuwlarmy gözlärin ýene,
Zor etsem diýerin: “Bagtly bol, sona”.

Italmaz NURYÝEW.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 1964 ý. Goşgular